Häzirki döwürde adamyň beýnisiniň gurluşy, onda bolup geçýän elektrohimiki reaksiýalar, ýadyň biohimiki esaslary düýpli öwrenilen. Ýöne, adam nähili pikirlenýär, adamyň kellesine pikir nähili gelýär diýen soraglaryň jogaby tapylanok. Filosofiýa adama ömrüniň dowamynda birnäçe gezek hakyky pikiriň gelýänligini we onuň hemme adama gelmeýänligini belleýär. Şonuň üçin pikire taýýar bolmaly. Elmydama kelläňi arassa saklamaly.

Gadymy hindi paýhasy onuň üçin: ertirki nahardan soňra oturup, elleriňi dyzyň üstinde goýup 15 minudyň dowamynda hiç bir zat hakynda pikir etmezlige çalyşmaklygyň gerekligini aýtýar. Ýatmazdan öň hem şu ýagdaýy gaýtalamaly. Hiç zat hakynda pikirlenmezlik kyn, ýöne oňa öwrenşip bolýar.
Şeýle ýagdaýda hakyky pikiriň gelenini aňsa bolar. Hakyky pikiriň gelmekligi bolsa elmydama gudrat. Adamyň özüniň bir zady görmekligi, özüniň bir zada düşünmekligi elmydama kyn. Bu ýagdaý örän seýrek we ajaýyp pursat. Ilkinji gezek bir zady görmek hem adamyň kellesine pikiriň gelendigini aňladýan bolsa
gerek. **Pikirlenmek** – görmekligi, onda-da ýöne bir gözüň bilen däl, ähli durkuň bilen görmekligi aňladýar.

Pikirlenmeklik diliň kömegi bilen amal edilýär. Ýöne, filosofiýada diliň we pikirlenmäniň gabat gelmeýänligi ir döwürlerde bellenen. Iň gadymy dil yşarat dili bolýar. Yşarat şonda hereket görnüşde ýüze çykýar. Onda-da yşarat amaly hereket däl-de, özüniň hakyky esasyndan aýrylan hereketi aňlatmaklyk bolýar. Yşarat abstraksiýa tarap ilkinji ädim bolup çykyş edýär.

Söz abstraksiýanyň indiki, özem yşaratdan ýokarky basgançagy bolýar. Amaly hereket hem, yşarat hem, söz hem hereketiň görnüşleri bolandyklary sebäpli, dilde algoritmler we pikir galyplary saklanyp galyp başlaýarlar. Duýgularyň we kabul etmeleriň esasynda ýüze çykýan obrazlar we göz öňüne getirmeler kem-kemden özbaşdak ýaşaýşa eýe bolýarlar. Şonda maddy zatlardan üzňe bolan 53 abstrakt pikirlenme ýüze çykýar. Dil adamlaryň habarlaşmagynyň we özara düşünişmeginiň serişdesi hökmünde baýlaşýar we çuňňur pikirleri aňlatmaklyk ukybyna eýe bolýar.

Diller köp dürli, ösen we ösmedik diller bolýarlar. Soňky düşünjeleriň baýlygy grammatikanyň ösmekligi bilen däl-de äheň, labyz dürliligi bilen aňladylýar. Şol bir sözler bu dillerde dürli äheňde aýdylyp, her gezek başga manyny aňladýarlar. Grammatika näçe çylşyrymly boldygyça, dil şonça baý bolýar. Işlik görnüşleriniň, düşümleriň, sypatlaryň üsti bilen pikiriň örän inçe öwüşginlerini berse bolýar. Her bir halkyň pikir ýöredişi çalt ösýär: her gün täze ylmy açyşlar, täze hadysalar ýüze çykýarlar. Dil bolsa örän haýal üýtgeýär. Şonuň üçin dil pikiriň ösüşinden yza galýar. Ýöne, halkyň edebi dili, mysal üçin, Magtymgulynyň, Mollanepesiň ýa-da Berdi Kerbabaýewiň dili elmydama türkmen

Все права защищены

medeniýetiniň esasyny düzen, diliň baýlaşmagyna esaslary döreden. Eger dil medeniýet bolýan bolsa, onda ony ýoýmak bolmaýar ýa-da islegiňe görä üýtgedip bolmaýar. Diliň arassalygynyň goralmagy we saklanmagy gerek.

**Jemal SAPARGULYÝEWA**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy**

Все права защищены